# Ölmek islemedim…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ölmek islemedim… ÖLMEK ISLEMEDIM…

Ölmek islemedim. Geçen uruşda
Ýeriñ hem asmanyñ görmegi gaçan
Pursatlary meniñ ýadymda galdy
Hem ýadymdan çykyp gitmedi ajal.

Ölmek islemedim – meniñ dostlarym,
Penadaş, watandaş, ýaragdaşlarym.
Ýöne olañ köpi bialaçlykda
Ýüregmiñ üstüne goýdy başlaryn.

Birinde aýak ýok, birinde el ýok,
Birinde gulak ýok, birinde göz ýok.
Heserimi getir ýaly beýana
Kalbymda joşgun ýok, dilimde söz ýok.

Söz bilen egserden apatdy ajal,
Söz bilen egserden äpetdi ýitgi.
…Ölmek islemedim, emma jesedim
Çeşmi derýam içre gark boldy gitdi.

* * *

Günbatar Ýewropa ýanýar ýalynda,
Baltika kenary ýuwuldy gana.
Bu ýerde Zemine rahatlyk ýok,
Asudalyk ýat bolupdyr asmana.

Eýsem, uruş şo ýerlerde gitdimi?
Diñe Ýewropada döküldimi gan?
Urşa pida bolan diñe esger däl,
Aglady Garagum, epildi Mugan.

Heniz ejir çekýär türkmen, gruzinem

Uruşda teninde galan gülleden.
Halas bolup bilemizok şindizem,
Şo ýyllaryñ hasratyndan ölmeden.

Niçe bir ülkäniñ, niçe bir obañ
Baglaryny uruş berdi hazana.
Urşa ogullaryn aldyran ýerler,
Häli-hälem çümüp otyr gazaba.

Çal saç ene sorap ýeke dikraryn,
Elewreýär soñky demde, görsene:
– Maña sen şol uzak lagnaty urşuñ
Bolmadyk ýerini salgy bersene!

Ahmet MÄMMEDOW. Goşgular